#86 (108)
среда, 17 августа 2022 года

# Интернет газета
# Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GÖÇME MEJLISI

2022-nji ýylyň 12-nji awgustynda Hazaryň kenarynda zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzda şu ýylyň ýedi aýynda alnyp barlan işleriň jemi jemlenildi hem-de käbir meselelere garaldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow şu ýylyň ýanwar — iýul aýlarynda ministrlik tarapyndan alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny yzygiderli durmuşa geçirmek, döwlet Baştutanymyzyň öňde goýan wezipelerini we beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek boýunça maksadalaýyk işler amala aşyryldy. Sebit we halkara derejede netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglylykda, ýokary derejedäki saparlara, gepleşiklere we duşuşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, aprel aýynda Türkmenistana Hindistan Respublikasynyň Prezidentiniň döwlet saparynyň hem-de Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Prezidentiniň iş saparynyň bolandygy bellenildi. Hasabat döwründe döwlet Baştutanymyz Russiýa Federasiýasyna we Eýran Yslam Respublikasyna resmi saparlary, Özbegistan Respublikasyna döwlet saparyny amala aşyrdy.

29-njy iýunda paýtagtymyzda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde altynjy Hazar sammitiniň geçirilmegi möhüm waka boldy.

Hasabat döwründe hormatly Prezidentimiziň birnäçe ýurtlaryň ýolbaşçylary bilen telefon arkaly söhbetdeşlikleri geçirildi. Şeýle hem şu ýylyň 7-nji iýunynda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 77-nji mejlisiniň wise-başlyklygyna biragyzdan saýlanandygy bellenildi. Munuň özi ata Watanymyzyň dünýä giňişligindäki abraýynyň barha artýandygynyň aýdyň subutnamasyna öwrüldi. Daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça ikitaraplaýyn geňeşmeler hem yzygiderli geçirilýär. Hasabat döwründe daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen, şol sanda bilelikdäki hökümetara toparlaryň hem-de beýleki degişli düzümleriň çäklerinde özara bähbitli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça duşuşyklar we gepleşikler geçirildi.

Şeýle-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri 15-16-njy awgustda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahata görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer, daşary işler ministri BMG-niň howandarlygynda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça çagyrylýan forumyň maksatnamasy barada habar berdi. Maslahata 39 ýurda hem-de 34 halkara gurama wekilçilik edýän wekiller gatnaşar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, “Bitarap Türkmenistanyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasyny” durmuşa geçirmek boýunça işleri yzygiderli dowam etmegiň wajypdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän pudaklarynda şu ýylyň ýedi aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri hem-de deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahata görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ulgamyň ähli düzümleriniň işini talabalaýyk alyp barmagyň, ýurdumyzyň üstaşyr ulag mümkinçiliklerini yzygiderli ýokarlandyrmagyň wajypdygyna ünsi çekdi.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenbaşy Halkara deňiz portunda hem-de howa menzilinde we maslahatyň geçýän ýerinde foruma bagyşlanan sergileri ýokary derejede guramagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow gözegçilik edýän bilim, ylym, saglygy goraýyş we sport ulgamlarynda şu ýylyň ýedi aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe talyp we okuwçy ýaşlar halkara ders hem-de internet bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş edip, medallary gazandylar. Ýylyň başyndan bäri ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara internet olimpiadalary, şeýle-de “Garaşsyzlygyň merjen däneleri”, “Ýylyň terbiýeçisi — 2022”, “Ýylyň mugallymy — 2022”, “Talyp gözeli — 2022” bäsleşikleri geçirildi.

Bilim işgärleri hünär derejesini ýokarlandyrdylar. Tomusky dynç alyş möwsüminiň üç tapgyrynda 15 müň 70 çaga dynç aldy.

Döwlet Baştutanymyzyň Buýrugyna laýyklykda, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine giriş synaglary dowam edýär.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar” atly halkara ylmy maslahat, ýaşlaryň arasynda ylmy işler boýunça geçirilen bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy.

Ýurdumyzyň bejeriş-öňüni alyş edaralarynda lukmançylygyň ugurlary boýunça meýilnamalaýyn işler dowam etdirildi. Döwlet Baştutanymyzyň Kararyna laýyklykda, buýan köküni gaýtadan işleýän kärhananyň gurluşygyna girişildi.

Türkmenbaşy şäherindäki köpugurly, Daşoguz şäherindäki köpugurly we onkologiýa hassahanalary dabaraly açyldy.

Hasabat döwründe türgenlerimiz dürli halkara sport ýaryşlaryna gatnaşyp, jemi 87 medal gazandylar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, wise-premýeriň gözegçilik edýän ulgamlarynda amala aşyrylýan işleriň wajypdygyna aýratyn ünsi çekdi we toplumyň ähli pudaklarynda alnyp barylýan işleriň döwrüň talabyna laýyk derejede guralmagy babatda anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň ýedi aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Ýylyň şygary hem-de milli baýramlar, medeni-durmuş maksatly desgalaryň açylmagy mynasybetli dürli medeni-köpçülikleýin çäreler geçirildi. Birnäçe döredijilik bäsleşikleri yglan edildi.

Hasabat döwründe teatrlara “Milli” ýa-da “Akademiki” hukuk derejesini bermegiň tertibi, muzeýlere “Milli” hukuk derejesini bermegiň tertibi we şertleri, şeýle-de Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy tassyklanyldy.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 31 ýyllyk baýramy mynasybetli dabaralary we çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk komiteti döredildi we şu güne çenli onuň iki mejlisi geçirildi.

Hasabat döwründe Medeniýet ministrligi tarapyndan “Türkmen keşdeçilik sungaty” hem-de “Türkmenistanyň gadymyýeti: ylmy barlaglar we ýadygärlikleriň rejelenilişi” atly kitaplar taýýarlanylyp, türkmen, rus, iňlis dillerinde neşir edildi.

Köptaraplaýyn we milli hödürnamalary ÝUNESKO-nyň degişli sanawlaryna girizmek boýunça işler alnyp baryldy.

Aşgabatda teatr festiwaly, Mary welaýatynda Medeniýet hepdeligi üstünlikli geçirildi. Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli giň gerimli baýramçylyk dabaralary guraldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, medeniýet ulgamynyň edaralarynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi we bu babatda wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz sentýabr aýynyň ýurdumyzyň durmuşynda taryhy ähmiýeti bolan şanly wakalara baýdygyny belläp, baýramçylyk mynasybetli geçiriljek çärelere, aýratyn-da, 23-nji sentýabrda geçiriljek Türkmenistanyň Döwlet maslahatyna häzirden gowy taýýarlyk görülmelidigini belledi. Maslahatda berkarar döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmegiň möhüm meselelerine serederis, şoňa görä-de, bu maslahaty ýokary derejede we guramaçylykly geçirmek üçin ähli zerur çäreleri görmeli diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Ministrler Kabinetiniň şu ýylyň ýedi aýynda ýurdumyzda ýerine ýetirilen işleriň netijelerine bagyşlanan göçme mejlisinde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО РЕСПУБЛИКИ СИНГАПУР

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Сингапур г-же Халима Якоб, Премьер-министру Республики Сингапур Ли Сянь Лун и народу страны в связи с Национальным днём Республики Сингапур.

Отметив большую заинтересованность Туркменистана в дальнейшем наращивании двусторонних связей и готовность продолжать совместные усилия для развития дружественных отношений между нашими странами, глава государства выразил твёрдую уверенность в том, что эффективное совершенствование сотрудничества послужит во благо обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту г-же Халима Якоб и Премьер-министру Ли Сянь Лун пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Республики Сингапур – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ПАКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Исламской Республики Пакистан Арифу Алви, Премьер-министру Исламской Республики Пакистан Миану Мухаммаду Шахбазу Шарифу и народу страны по случаю национального праздника – Дня независимости.

«Мы высоко ценим братские отношения между Туркменистаном и Исламской Республикой Пакистан и уверены, что они будут и впредь развиваться в интересах обоих народов», – отметил глава государства в своём послании.

Подчеркнув высокий уровень межгосударственного взаимодействия, которое последовательно укрепляется и совершенствуется, Президент страны высказал убеждённость в дальнейшем успешном развитии конструктивного и взаимовыгодного сотрудничества.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Арифу Алви и Премьер-министру Миану Мухаммаду Шахбазу Шарифу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Пакистана – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО РЕСПУБЛИКИ ИНДИЯ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Индия г-же Драупади Мурму, Премьер-министру Республики Индия Нарендре Моди и народу страны по случаю Национального праздника Республики Индия – Дня независимости.

«Между Туркменистаном и Республикой Индия налажены эффективные и взаимовыгодные отношения в политической, торгово-экономической, культурно-гуманитарной и других сферах. Твёрдо уверен в том, что эти отношения будут и впредь систематически расширяться в интересах наших народов», – отметил в своём послании глава государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана адресовал Президенту г-же Драупади Мурму и Премьер-министру Нарендре Моди пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, народу Республики Индия – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КОРЕЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Корея Юн Сок Ёлу по случаю Национального праздника Республики Корея – Дня освобождения.

«Мы проявляем большую заинтересованность в дальнейшем развитии двусторонних отношений. Выражаем твёрдую уверенность в том, что сотрудничество между нашими странами будет и впредь систематически наращиваться в интересах обоих народов», – отметил в своём послании глава государства.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Юн Сок Ёлу пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, народу Республики Корея – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ПОРТУГАЛЬСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Португальской Республики Марселу Ребелу де Соузе и народу страны по случаю 30-летия установления дип¬ломатических отношений между Туркменистаном и Португальской ¬Республикой.

Отношения между нашими странами основываются на взаимоуважении, равноправии и обоюдном доверии, отметил глава государства, подчеркнув, что Туркменистан заинтересован в расширении двусторонних связей, и выразил уверенность, что благодаря совместным усилиям туркмено-португальское сотрудничество будет и далее развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов выразил Президенту Марселу Ребелу де Соузе сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Португальской Республики – прогресса и процветания.

# Türkmenistanyň Prezidenti Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze awtomobil köprüsiniň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdy



8-nji awgustda Hazaryň kenarynda zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ulag düzüminiň ýene bir möhüm desgasynyň — Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystanyň serhedine çenli barýan awtomobil ýolunyň ugrunda Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze awtomobil köprüsiniň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdy.

Köpriniň düýbüni tutmak dabarasynyň geçiriljek ýerine dikuçarda gelen döwlet Baştutanymyzy köp sanly dabara gatnaşyjylar uly ruhubelentlik bilen garşyladylar. Sungat ussatlarynyň joşgunly aýdym-sazly çykyşlary dabara aýratyn öwüşgin çaýdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şanly waka mynasybetli ýörite gurnalan bina barýar hem-de awtomobil ýollarynyň we köprüleriň gurluşygynyň taslamalary bilen tanyşýar. Bu ýerde Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçjek täze köpriniň gurluşygynda ulanyljak kuwwatly tehnikalary-da görmek bolýar.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow döwlet Baştutanymyza ýolgurluşyk ulgamynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi hem-de şekil taslamalarynyň üsti bilen Diýarymyzyň halkara ulag geçelgeleri hakynda giňişleýin maglumat berdi.

Wise-premýer Ç.Purçekow ýurdumyzyň ýolulag düzüminiň döwrüň talabyna kybap dereje-de ösdürilmegine yzygiderli üns berýändigi üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdi we öňde durýan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ugrunda sazlaşykly işleriň üpjün ediljekdigine ynandyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow täze köpriniň Demirgazyk — Günorta ugrunyň möhüm bölegine öwrüljekdigini, onuň diňe bir Türkmenistan üçin däl, eýsem, tutuş sebit üçin hem ähmiýetli boljakdygyny belläp, gurluşyklaryň hiliniň döwrüň talaplaryna laýyk gelmelidigine ünsi çekdi. Şunda ýokary hilli gurluşyk serişdeleriniň ulanylmagy, häzirki zamanyň ösen tejribesiniň hem-de täzeçil usullaryň ornaşdyrylmagy möhüm talapdyr.

Döwlet Baştutanymyz meýilleşdirilen ähli gurluşyklaryň kesgitlenen möhletde tamamlanmagyna aýratyn ähmiýet berilmelidir diýip nygtady we wise-premýere işleriň ähli tapgyrlaryny yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz mejlisler zalyna girdi hem-de özi üçin ýörite bellenilen ýere geçdi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa söz berilýär.

Döwlet Baştutanymyz ýygnananlara ýüzlenip, şu günki wakanyň — ýurdumyzyň ykdysadyýeti üçin ýene bir möhüm ähmiýetli desga bolan Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze, döwrebap awtomobil köprüsiniň düýbüniň tutulmagynyň taryhy ähmiýetini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow parasatly pederlerimiziň ýol çekmegi, köpri gurmagy döwletlilik hasaplap, ony asylly ýörelgä öwrendiklerini aýtdy we bu gün ýol-ulag düzüminde amala aşyrylýan giň gerimli işleriň şu sogaply ýörelgeleriň mynasyp dowam etdirilýändigini görkezýändigini nygtady.

Taslamany bu ugurda köpýyllyk tejribesi bolan «Dorožnoýe stroitelstwo «Altkom» jogapkärçiligi çäkli jemgyýeti amala aşyrar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu desganyň ähmiýeti barada aýtmak bilen, täze köpriniň ýurdumyza dünýäniň ykdysady giňişligine işjeň goşulyşmak, daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy has-da berkitmek üçin amatly şertleri döretjekdigini nygtady. Şu maksat bilen, Diýarymyzda awtomobil ýollaryny gurmak we ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek hem göz öňünde tutulýar.

Bu giň möçberli işleriň amala aşyrylmagy Ýewropadan Merkezi Aziýa, Merkezi Aziýadan Ýewropa çenli ýükleri we ýolagçylary Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň üsti bilen üznüksiz gatnatmaga has amatly şertleri üpjün eder.

Deňiz ýakasynyň hem-de Garabogazkölüň baý tebigy baýlyklaryny özleşdirmäge, bu ýerleriň geografik ýagdaýlaryny öwrenip, netijeli ulanmaga ýardam berer. Şeýle-de syýahatçylaryň Türkmenbaşy şäherinde we «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döredilen şypahana-dynç alyş desgalarynyň hyzmatyndan peýdalanmaklaryna mümkinçilik döreder.

Bu taslamanyň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň ulag-logistika ulgamyny ösdürmäge oňyn täsirini ýetirjekdigine pugta ynanýaryn diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýygnananlary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze, döwrebap köpriniň düýbüniň tutulmagy bilen tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, abadançylyk, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra "Altkom" maliýe-senagat toparynyň direktorlar geňeşiniň başlygy Aleksandr Tislenko söz berilýär.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň ýolgurluşyk ulgamynda öňden gelýän hyzmatdaşy bolan bu kompaniýa Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystanyň serhedine çenli barýan awtomobil ýolunyň ugrunda Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze awtomobil köprüsiniň taslamasyny düzmek we ony gurmak ynanyldy.

"Altkom" kompaniýasynyň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hem-de dabara gatnaşyjylaryň ählisine ýüzlenip, düzümleýin desganyň gurluşygyna — Garabogazkölüň üstünden geçýän awtomobil ýolunyň ugry boýunça Gazagystanyň serhedine çenli barýan iki zolakly awtomobil köprüsiniň gurluşygyna badalga bermek mynasybetli geçirilýän dabara bilen hemmeleri tüýs ýürekden gutlady.

A.Tislenko deňhukukly hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin hemişe açyk bolan Türkmenistanyň ýolbaşçylaryna "Altkom" kompaniýasyna bildirilen ynam hem-de berilýän goldaw üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, dostlukly ýurduň geljekki ykdysady ösüşine goşant goşmagyň, ulag ulgamynyň häzirki zaman düzümini döretmäge ýardam bermegiň özleri üçin uly hormatdygyny nygtady.

Daşary ýurt kompaniýasynyň ýolbaşçysy ägirt uly ykdysady kuwwata eýe bolan hem-de sebitde parahatçylygyň, durnuklylygyň we abadançylygyň daýanjy diýlip ykrar edilen ajaýyp ýurt hasaplanýan Türkmenistan bilen 2009-njy ýylda ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygyň taryhy barada aýdyp, şu ýyllaryň içinde Türkmenabat — Farap awtomobil köprüsiniň, Türkmenabat — Farap demir ýol köprüsiniň, Kerki — Kerkiçi awtomobil köprüsiniň, degişlilikde, Kerki — Ymamnazar ugry boýunça iki demir ýol köprüsiniň, Daşoguz şäheriniň Halkara howa menziliniň uçuş-gonuş zolagynyň gurluşyklarynyň taslamalaryny durmuşa geçirendiklerini belledi.



Kompaniýanyň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimiziň sebit we halkara derejede abraýly döwleti kemala getirmekde ägirt uly üstünlikleri gazanmakda öňdengörüjiligini belläp, ýurdumyza gysga wagtyň içinde iri üstaşyr ulag merkezine öwrülmegiň başardandygyny aýtdy.

Bu gün Türkmenistan Beýik Ýüpek ýoluny — asyrlaryň jümmüşine uzaýan ýollary işjeň we üstünlikli gaýtadan dikeltmegi dowam edýär, sebitde düzümleriň özara baglanyşyklylygy, häzirki zaman awtomobil, demir ýol, howa we deňiz ugurlary görnüşindäki serhetüsti ulag geçelgeleriniň gurluşygy boýunça başlangyçlary öňe sürýär. Munuň özi Aziýa we Ýewropa ýurtlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga mümkinçilik berýär.

A.Tislenko Türkmenistanyň we türkmen halkynyň bähbidine amala aşyrylýan giň gerimli işlere gönüden-göni gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň mundan beýläk-de Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşjakdygyna ynandyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowa hem-de dabara gatnaşyjylara nobatdaky möhüm düzümleýin desganyň aýratynlyklary bilen tanyşdyrýan wideofilm görkezildi. Ol täze awtomobil köprüsiniň tehniki häsiýetnamalary hem-de ýurdumyzyň ýol-ulag düzümini mundan beýläk-de ösdürmek, goňşy ýurtlar bilen üstaşyr mümkinçilikleri giňeltmek we söwda-ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmak üçin bu desganyň ägirt uly ähmiýeti barada maglumat berýär.

Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi bilen baglaşylan şertnama laýyklykda, "Dorožnoýe stroitelstwo "Altkom" jogapkärçiligi çäkli jemgyýeti iki ýylyň dowamynda Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystanyň serhedine çenli barýan awtomobil ýolunyň ugrunda Garabogazköl aýlagynyň üstünden häzirki zaman awtomobil köprüsini hem-de oňa eltiji ýollary gurar. Iki sany hereket zolagyndan ybarat bolan awtomobil köprüsiniň umumy uzynlygy 354 metre, ini 21 metre deňdir.

Düýbi tutulan köpri durky täzelenilmegi meýilleşdirilýän Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystanyň serhedine çenli barýan awtomobil ýolunyň bir bölegi bolar.

Türkmenistanyň ägirt uly üstaşyr ulag kuwwatynyň doly peýdalanylmagyna, sebitiň we tutuş dünýäniň abadançylygynyň hem-de durnukly ösüşiniň bähbidine özara bähbitli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine gönükdirilen bu taslama ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna-da gönüden-göni ýardam berer.

Wideofilme tomaşa edilenden soňra, ýaşajyk nesliň wekilleri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowdan täze awtomobil köprüsiniň gurluşygyna ak pata bermegini hem-de şu günki şanly waka mynasybetli geljek nesillere ýadygärlik ýazgy galdyrmagy haýyş edýärler.

Döwlet Baştutanymyz ýadygärlik ýazgysyny ýörite guta ýerleşdirýär. Soňra hormatly Prezidentimiz köpriniň düýbüniň tutuljak ýerine barýar.

Bu ýerde hormatly Prezidentimizi milli lybasly çagalar uly şatlyk bilen garşylaýarlar. Olar täze awtomobil köprüsiniň düýbüni tutmak haýyşy bilen ýüzlenýärler.

Tolgundyryjy pursat ýetip gelýär.

Ýygnananlaryň joşgunly el çarpyşmalary astynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow awtomobil köprüsiniň binýadyna türkmenistanlylaryň geljekki nesillerine ýüzlenip ýadygärlik ýazgy ýazylan gutyny goýberýär hem-de desganyň binýadyna pil bilen beton erginini guýup, gurluşyga badalga berýär.

Döwlet Baştutanymyz çagalara ýadygärlik sowgatlary gowşuryp, olar bilen ýadygärlik surata düşýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dabara tamamlanandan soňra, hemmeleri şu günki şanly waka bilen ýene bir gezek gutlaýar we olar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugraýar.

Интернет газета
Международные новости

# HARBY-DEŇIZ GÜÝÇLERI EZIZ WATANYMYZYŇ MUKADDES SERHETLERINIŇ GORAGYNDA



2022-nji ýylyň 10-njy awgustynda Balkan welaýatynda zähmet rugsadynda bolýan Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedow günbatar sebitimizde ýerleşýän Harby-Deňiz Güýçleriniň "Garşy" deňiz birikmesine geldi hem-de bu ýerde "Deňiz han" atly korwet kysymly harby gämi bilen tanyşdy.

Ir bilen Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy dikuçarda wakanyň geçýän ýerine geldi. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary mähirli garşyladylar.

Goranmak ministri, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary B.Gündogdyýew döwlet Baştutanymyza ýurdumyzyň Harby-Deňiz Güýçleriniň "Deňiz han" atly korwet kysymly harby gämisiniň tanyşdyrylyşa taýýardygy barada hasabat berýär.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty kabul edip, awtoulagda gämi duralgasyna tarap ugrady.

"Garşy" deňiz birikmesiniň mundan bir ýyl ozal Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda açylyp ulanmaga berlendigini bellemek gerek. Bu harby birikmede harby gämiler üçin duralga göz öňünde tutulandyr, bu ýerde ýurdumyzyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda Harby-Deňiz Güýçleriniň gämileri abatlaýyş kärhanasynda gurlan "Deňiz han" atly korwet kysymly harby gämi hem bar.

Gäminiň serkerdesi ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna söweşjeň gämi bilen tanyşlyga taýýarlyk barada hasabat berip, Türkmenistanyň Döwlet baýdagyny hem-de Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Harby-Deňiz Güýçleriniň baýdagyny galdyrmaga rugsat bermegi baradaky haýyş bilen ýüzlenýär. Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlanýar, onuň owazy astynda Döwlet baýdagy we Harby-Deňiz Güýçleriniň baýdagy galdyrylýar.

Bu harby gäminiň Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli 2021-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda geçirilen dabaraly ýörişde harby-deňiz flotunyň gözden geçirilişini açandygyny bellemek gerek. Şunuň ýaly häzirki zaman harby gämileriň kömegi bilen deňizçiler harby gullugy birkemsiz berjaý edýärler hem-de Türkmenistanyň deňiz serhetleriniň goragynda sak durýarlar.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu häzirki zaman gämisiniň söweşjeň mümkinçilikleri, tehniki häsiýetnamalary hem-de gurluşynyň aýratynlyklary, bölümleriniň işleýiş usullary bilen tanyşdy. "Deňiz han" gämisi garşydaşyň suwasty hem-de suwüsti söweşjeň gämilerini, guryýer we howa nyşanlaryny ýekelikde hem-de gämi urgy toparynyň düzüminde ýok etmek üçin niýetlenendir. Şol bir wagtda ol garşydaşyň gämi toparlaryny, desant otrýadlaryny ýok etmek, öz güýçlerimizi penalamak, toplumlaýyn aňtaw işlerini alyp barmak, suwüsti we suwasty giňişlige gözegçilik etmek ýaly wezipeleri ýerine ýetirýär. Şeýle hem deňizde döwlet serhedini goramak, gämi gatnawlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek we halas ediş işlerini amala aşyrýar.

Gäminiň harby gullukçylarynyň dünýäniň birnäçe ýurtlarynda, hususan-da, Italiýada, Germaniýada, Türkiýede we beýleki döwletlerde ýörite okuwlary geçendiklerini hem-de hünär derejeleriniň ýokarlandyrandyklaryny bellemek gerek.

Gämide şeýle hem serkerdeleriň we deňizçileriň netijeli gulluk etmekleri hem-de göwnejaý dynç almaklary üçin ähli şertler döredildi.

Soňra hormatly Prezidentimiz harby birikmäniň dolandyryş binasyna baryp, dessin nobatçylaryň awtomatlaşdyrylan iş nokadynyň wezipeleri bilen gyzyklandy. Bu ýerde gulluk edýän serkerdeleriň biri Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyny dolandyryş nokadynyň işi, ýerine ýetirýän wezipeleri we mümkinçilikleri bilen tanyşdyrdy.

Bellenilişi ýaly, ýokary tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, iň täze enjamlaryň hem-de programma üpjünçiliginiň herekete girizilmegi, maglumat serişdeleriniň netijeli peýdalanylmagy bilen bir hatarda, harby ulgamda sanly ulgama geçilmegi dolandyryş babatynda düýpli özgerişleri göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ulgamy ösdürmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda, bu maksatnamalaýyn resminamada bellenilen wezipeleri öz wagtynda ýerine ýetirmek üçin zerur çäreler amala aşyrylýar.

Bu ýerde ornaşdyrylan öňdebaryjy tehnologiýalar we sanly ulgam, elektron karta, şeýle hem ýurdumyzyň Harby-Deňiz Güýçleriniň serkerdeleri tarapyndan işlenilip taýýarlanylan maglumat-dolandyryş ulgamynyň ýörite programma üpjünçiligi Hazar deňziniň giňişliginde ýolagçy we harby gämileriň hereketine gözegçiligi amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Munuň üçin deňziň kenarýaka bölegine gözegçilik etmäge niýetlenen radiolokasiýa enjamy, şeýle hem Harby-Deňiz Güýçleriniň söweşjeň gämilerinde gurnalan tehniki toplumlar peýdalanylýar.

Sanly ulgam hem-de aragatnaşyk hemra ulgamy arkaly gämileriň ýerleşýän ýeri, olaryň ýangyç we suw bilen üpjünçilik derejesi kesgitlenilýär. Munuň özi dolandyryş nokadyndan harby gämiler bilen hemişelik aragatnaşygy saklamaga mümkinçilik berýär. Toplanylan maglumatlar dolandyryş bölüminde ýygnalýar we seljerilýär. Bu ýerde gurnalan enjamlar esasy wezipe-borçlarynyň ýerine ýetirilmegini ýeňilleşdirýär hem-de dessin maglumatlary zerur bolan ýerine ibermäge mümkinçilik berýär.

Birikmäniň harby gullukçysy döwlet Baştutanymyza serkerdeleriň hem-de esgerleriň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak baradaky hemişelik aladasy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Harby-Deňiz Güýçleriniň ähli şahsy düzüminiň adyndan ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyny Watan goragçylarynyň geljekde hem özleriniň mukaddes harby borçlaryny hem-de goranyş häsiýetli Harby doktrinadan gelip çykýan ähli wezipeleri abraý bilen ýerine ýetirjekdiklerine ynandyrdy.

Dolandyryş nokady bilen tanyşlyk mahalynda, "Deňiz han" gämisiniň serkerdesi göni ýaýlyma çykyp, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa dabaraly harby-deňiz ýörişine başlamaga rugsat bermek baradaky haýyş bilen ýüzlenýär.

Döwlet Baştutanymyz dabaraly harby ýörişe başlamaga rugsat berýär. Onda Harby-Deňiz Güýçleriniň, Döwlet serhet gullugynyň, Içeri işler ministrliginiň we Milli howpsuzlyk ministrliginiň dürli kysymly gämileri, söweşjeň katerleri hem-de gaýyklary görkezildi. Olar ýurdumyzyň umumy uzynlygy 600 kilometre deň bolan deňiz çäkleriniň howpsuzlygyny hem-de eldegrilmesizligini üpjün etmek ugrunda eserdeň durýarlar.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyna ýörişiň dowamynda "Umman" gidrografik gämisi görkezildi, ol Hazar deňziniň türkmen böleginde gämileriň ýüzüşiniň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin deňizde gidrografik we okeanografik işleri geçirmek üçin niýetlenendir. Deňizde batimetriki ölçeg, deňiz düýbüniň gurluşyny barlamak, suwasty wideo we foto ýazgy etmek, suwuň düzümini öwrenmek hem bu gäminiň ýerine ýetirýän wezipeleridir.

Deňze çykalgasy bolan islendik döwlet ýaly, biziň ýurdumyzyň hem öz deňiz serhetlerini goramak, parahatçylygy we asudalygy üpjün etmek üçin söweşjeň harby gämiler bar. Bu gämileriň Watanymyzyň şanly senesi — mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli 2021-nji ýylyň güýzünde geçirilen dabaraly harby ýörişe gatnaşandyklaryny bellemek gerek.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow milli deňiz flotunyň Hazar deňzinde geçirilen dabaraly ýörişiniň ýokary derejesini kanagatlanma bilen belläp, döwletimiziň geljekde hem Harby-Deňiz Güýçleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagyna, harby deňizçileriň hünär ussatlygynyň ýokarlandyrylmagyna, ýurdumyzyň deňiz serhetleriniň ygtybarly goragynyň we eldegrilmesizliginiň üpjün edilmegine aýratyn üns berjekdigini belledi. Goranyş häsiýetli Harby doktrinada kesgitlenilen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmekleri bu kysymly goşunlaryň harby gullukçylarynyň mukaddes borjy bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz belledi. Harby-Deňiz Güýçleriniň serkerdeleriniň hem-de deňizçileriniň öz üstlerine ýüklenen jogapkärli hem-de asylly wezipäni mynasyp derejede ýerine ýetirjekdiklerine berk ynam bildirip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylaryna birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Mälim bolşy ýaly, Hazar deňzi hemişe ylalaşyk, dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň hem-de netijeli hyzmatdaşlygyň deňzi bolmalydyr diýip nygtaýan hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça ýurdumyzyň günbatar sebitinde kuwwatly Harby-Deňiz Güýçleriniň kemala gelmegi üçin toplumlaýyn binýat goýuldy.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» şygary bilen geçýän ýylda Harby-Deňiz Güýçlerini mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýär. Häzirki wagtda Harby-Deňiz Güýçleriniň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar, iň täze harby tehnikalary we enjamlary, gämileri satyn almak, şeýle hem olary öz ýurdumyzda gurmak boýunça netijeli çäreler geçirilýär, Harby deňizçileriň söweşjeň we nazaryýet taýýarlyk derejeleri ýokarlanýar. Olaryň gulluk we ýaşaýyş-durmuş şertleri yzygiderli gowulandyrylýar. Şu günki çäre hem munuň nobatdaky subutnamasy boldy. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Harby-Deňiz Güýçleriniň harby gämileriniň gözden geçirilişi bolsa Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň deňiz kenarlarynyň ygtybarly goralýandygyny bütin aýdyňlygy bilen görkezdi.

Deňiz birikmesiniň çäginde täze tehnologiýalar we sanly ulgamlar bilen üpjün edilen okuw binasy hem göz öňünde tutuldy. Bu ýerde sanly ulgamyň kömegi bilen harby gämileriň dolandyrylmagy, ugurdaş enjamlaryň ulanylyşy, deňiz giňişligine gözegçiligiň alnyp barlyşy öwredilýär. Okuwyň barşynda okatmagyň öňdebaryjy usullary ulanylýar. Munuň özi harby talyplara degişli bilim almaga, ýaş serkerdelere bolsa hünär derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, Watan goragçylarynyň gulluk etmekleri we dynç almaklary üçin has oňaýly şertleri döretmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň we amala aşyrylýan harby özgertmäniň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, harby gullukçylar üçin niýetlenen ýatakhana we naharhana enjamlaşdyrylyşy babatynda häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýär.

Şeýle hem bu ýerde üsti açyk we ýapyk sport meýdançalary ýerleşýär, şolarda harby bölümiň şahsy düzümi sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanyp, boş wagtlaryny peýdaly geçirýärler.

Halkara ölçeglere kybap gelýän iň täze enjamlar bilen üpjün edilen lukmançylyk bölümi bar. Bu ýerde harby gullukçylara we olaryň maşgala agzalaryna zerur lukmançylyk kömegini bermek üçin ähli şertler üpjün edilendir. Mundan başga-da, 3 gatly, 60 öýli ýaşaýyş jaýy, şeýle hem ýaş serkerdelere niýetlenen 2 gatly umumy ýaşaýyş jaýy bar. Otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan jaýlarda amatly ýaşaýyş we dynç alyş üçin ähli zerur şertler göz öňünde tutulan.

Mälim bolşy ýaly, ähli ýaşdaky türkmenistanlylaryň, aýratyn-da, ýaşlaryň çeper döredijilik we aýdym-saz bilen meşgullanmaklary üçin şertleriň döredilmegine döwlet derejesinde uly üns berilýär. Şoňa görä-de, ýerli Medeniýet öýünde harby gullukçylaryň öz zehinlerini açyp görkezmekleri üçin mümkinçilikler döredilendir.

Harby-Deňiz birikmesiniň düzümine okalga zaly sanly ulgam bilen üpjün edilen häzirki zaman kitaphana hem girýär. Onuň baý kitap gaznasy Watan goragçylaryna boş wagtlarynda bilimlerini artdyrmaga, şol sanda çeper eserleri okamaga mümkinçilik berýär.

Döwrebap desgalaryň hatarynda umumybilim berýän mekdep hem bar. Onuň otaglary öňdebaryjy enjamlar bilen üpjün edildi. Bu ýerde sapaklar häzirki zaman usulynda alnyp barylýar, munuň özi okuwçylary bilim we ylym dünýäsine çekmäge mümkinçilik berýär.

Çagalar bagynyň iki gatly binasynda körpeleriň wagtlaryny gyzykly we peýdaly geçirmekleri, olaryň başlangyç bilimi almaklary üçin zerur şertler döredildi. Onuň düzüminde birnäçe otaglar bolup, şolarda körpeler, öz isleglerine görä, dürli ugurlar boýunça ukyp-başarnyklaryny artdyrýarlar. Çagalaryň zähmet endikleriniň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär, munuň özi zähmetsöýer hem-de talabalaýyk bilim derejeli ýaş nesli terbiýeläp ýetişdirmek babatynda uly ähmiýete eýedir. Enjamlaşdyrylan oýun meýdançalary hem körpeleriň ygtyýarynda.

Ugurdaş düzümlerden başga-da, bu ýerde alyjylara gündelik zerur bolan harytlaryň dürli görnüşlerini hödürleýän dükan bar, bu bolsa harby gullukçylar we olaryň maşgala agzalary üçin goşmaça ýeňillikleri döredýär...

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hemmelere mukaddes harby gullukda hem-de Hazar deňziniň giňişliginde serhediň asudalygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça jogapkärli wezipelerini mynasyp ýerine ýetirmekde üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden ugrady.

Интернет газета
Международные новости

# В Туркменистане отметили День Каспийского моря

12 августа 2022 года в Национальной туристической зоне «Аваза» отмечен День Каспийского моря, ежегодно проводимый прикаспийскими государствами.

Центральным мероприятием праздника стала научно-практическая конференция «Каспийское море – море дружбы и согласия», состоявшаяся в отеле «Hasyl». По поручению Президента Сердара Бердымухамедова форум организован Министерством сельского хозяйства и охраны окружающей среды при содействии МИД Туркменистана.

В ходе форума был обсуждён широкий спектр актуальных вопросов взаимодействия прибрежных стран в деле обеспечения устойчивого развития, основывающегося на совокупности ключевых факторов, которые включают в себя решение единого комплекса экономических, социальных и экологических проблем. В представленных докладах всесторонне освещалась многогранная работа, проводимая в данной сфере в регионе.

Как отмечалось, охрана окружающей среды и рациональное природопользование – один из приоритетов государственной политики, проводимой Президентом Сердаром Бердымухамедовым. Будучи активным участником международного диалога на данном направлении, Туркменистан прилагает максимум усилий для того, чтобы это взаимодействие имело последовательный, комплексный и конструктивный характер, в том числе в контексте достижения принятых ООН Целей устойчивого развития. Наглядное подтверждение тому – созидательные инициативы нашей страны, озвученные с трибуны Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций и других крупных форумов и нацеленные на решение экологических задач, связанных с каспийской проблематикой, в частности, идея о создании Каспийского экологического форума в качестве постоянно действующего органа для рассмотрения вопросов охраны окружающей среды морского бассейна и выработки соответствующих предложений и рекомендаций. Также глава Туркменистана выдвинул инициативу о создании Совета делового сотрудничества прикаспийских стран как самостоятельной, без государственного вмешательства, платформы для тесной партнёрской кооперации.

Подчёркивалось, что ООН готова принять участие и оказать техническую поддержку в воплощении в жизнь инициативы Туркменистана о создании Новой Каспийской экологической программы как комплекса природоохранных мер по обеспечению рационального использования богатых природных ресурсов Каспия.

В ходе конференции подробно были освещены аспекты взаимодействия с Центром ОБСЕ в Ашхабаде, поддерживающим инициативы Туркменистана, направленные на укрепление экологической и экономической безопасности и расширение регионального партнёрства, что является важнейшим фактором обеспечения глобальной безопасности. Среди актуальных масштабных инициатив и проектов, реализуемых ОБСЕ на региональном уровне, был выделен проект «Содействие зелёным портам и взаимосвязанности в регионе Каспийского моря», нацеленный на решение ряда дифференцированных задач, включая продвижение экологически чистой, «зелёной» энергии.

Отмечалось, что Каспийский регион стремительно развивается как один из крупнейших мировых центров добычи и транспортировки углеводородов, становится транспортным хабом глобального уровня. В этих условиях актуально решение общей задачи – совместить объективные экономические интересы с необходимостью сохранения биоразно¬образия Каспия, являющегося подлинной жемчужиной природы с исключительно богатой и разнообразной флорой и фауной, не допустить нарушения экологического баланса.

Подводя итоги форума, его участники констатировали единство позиций всех заинтересованных сторон о важности поддержания сотрудничества, мира и доверия в регионе Каспийского моря, высказавшись за дальнейшее укрепление международного партнёрства в деле обеспечения надёжной экологической защиты Каспия и развития его потенциала, отвечающего интересам общего благополучия и прогресса.

Собравшиеся адресовали слова признательности Президенту Туркменистана Сердару Бердымухамедову за прекрасные условия, созданные для проведения конференции, а также за неустанную заботу об охране природы и сохранении окружающей среды Каспийского моря.

## THE AMBASSADOR OF TURKMENISTAN PRESENTED HIS CREDENTIALS TO THE PRESIDENT OF THE REPUBLIC OF SOUTH AFRICA



On August 11, 2022, a solemn ceremony was held at the Sefako Makgato Presidential Reception House for Distinguished Guests, where Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan to the Republic of Kazakhstan B.Rejepov presented his credentials to the President of the Republic of South Africa Cyril Ramaphosa as Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan to South Africa (with residence in Nur-Sultan).

During the ceremony, Ambassador of Turkmenistan B.Rejepov conveyed greetings and warm wishes to the head of South Africa from the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov.

President S. Ramaphosa congratulated the Ambassador of Turkmenistan on the beginning of his diplomatic mission and asked him to convey greetings and best wishes for peace and prosperity to the leadership and people of friendly Turkmenistan.

During the conversation, the great potential of cooperation between the two countries in the political, economic and humanitarian spheres was noted.

## TÜRKMENISTANYŇ ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDAKY ILÇIHANASY «MERKEZI AZIÝA ÝURTLARYNDA MILLETARA SAZLAŞYGY ÜPJÜN ETMEK» ATLY HALKARA MASLAHATYNA GATNAŞDY



2022-nji ýylyň 5-nji awgustynda Daşkent şäherindäki «International Hotel Tashkent» myhmanhanasynda «Merkezi Aziýa ýurtlarynda milletara sazlaşygy üpjün etmek» atly halkara maslahaty geçirildi.

Onuň işine Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň diwanynyň, Ministrler Kabinetiniň, ministrlikleriň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, halkara we sebit guramalary we Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň wekilleri, öňdebaryjy hünärmenler, raýat we jemgyýeti öwreniş institutlary, diplomatik korpusyň wekilleri, Özbegistanyň dini wekilleri, milletara gatnaşyklar meseleleri boýunça alymlar we hünärmenler, metbugat wekilleri gatnaşdylar.

Halkara maslahatynyň esasy maksady, milletara sazlaşygy, medeniýetleriň ýakynlaşmagyny üpjün etmek, şeýle hem Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasynda hoşniýetli goňşuçylyk we dostluk gatnaşyklaryny güýçlendirmek üçin Merkezi Aziýa ýurtlarynyň maglumat we ylmy mümkinçiliklerini birleşdirmekden ybaratdyr.

«Merkezi Aziýa ýurtlarynda milletara sazlaşygy üpjün etmek» atly halkara maslahatynyň gün tertibi 2 bölekden, ýagny plenar mejlisden hem-de pudaklaýyn mejlisden ybarat boldy. Maslahatyň açylyş dabarasynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň geňeşçisi Muzaffar Komilow, BMG-nyň Özbegistandaky wekilhanasynyň hemişelik utgaşdyryjysy Roli Asthan, Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji Wladimir Norow we Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Milletara gatnaşyklar we daşary ýurt döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklar komitetiniň başlygy Rüstambek Kurbanow çykyş etdiler.

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň milli azlyklar boýunça ýokary komissary Kaýrat Abdurahmanow maslahata gatnaşyjylara wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly ýüzlendi.

Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Ýa.Mammedow öz çykyşynyň başynda maslahata gatnaşyjylary we dostlukly özbek halkyny «Halklaryň dostluk güni» bilen mähirli gutlady. Soňra öz çykyşyny dowam etmek bilen Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny alandan soňra içeri we daşary syýasatynda medeniýet ulgamynyň ösüşine aýratyn üns berýändigini belledi. Şeýle hem, Türkmenistanyň sebitiň ähli ýurtlary, şol sanda tutuş dünýä döwletleri bilen medeni we ynsanperwer ugurda hyzmatdaşlygyň ösmegine uly ähmiýet berýändigini belläp geçdi.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Туркменские спортсмены приняли участие в церемонии открытия V Игр исламской солидарности***

Команда Туркменистана приняла участие в церемонии открытия V Игр исламской солидарности, которая состоялась в турецком городе Конья на Муниципальном стадионе «Бюйюкшехир», вмещающем 42 тысячи зрителей. Эти комплексные международные соревнования, которые проводятся раз в четыре года под эгидой Спортивной федерации исламской солидарности (ISSF), штаб-квартира которой находится в Эр-Рияде (Саудовская Аравия), объединяют атлетов из 57 стран-участниц Организации исламского сотрудничества (ОИС) с населением около 1,5 миллиарда человек.

***В Государственном музее состоялась конференция, посвящённая культурному наследию Туркменистана***

В Государственном музее Государственного культурного центра Туркменистана состоялась конференция под названием «Почёт национальному наследию на высоком пути развития».

В мероприятии приняли участие представители Центрального Совета Союза женщин Туркменистана, Национального института образования, Академии Наук страны, Туркменского Государственного университета имени Махтумкули, а также сотрудникиГосударственногомузеяГосударственного культурного Центра Туркменистана.

***В Узбекистане прошел первый форум государственных инспекторов труда стран Центральной Азии и России***

В первый день работы форума государственных инспекторов труда стран Центральной Азии и России, более 60 экспертов из Туркменистана, Узбекистана, Казахстана, Кыргызстана, Таджикистана и России приступили к обсуждению вопросов, связанных с совместной разработкой и реализацией политики в области государственного надзора в сфере труда. Форум организован Министерством занятости и трудовых отношений Республики Узбекистан при поддержке Программы развития ООН.

В период проведения мероприятия состоится обсуждение таких тем, как повышение уровня знаний, эффективности и результативности деятельности инспекторов труда.

По итогам форума, сформированы единые подходы, касающиеся внедрения современных механизмов обеспечения безопасных условий труда и защиты трудовых прав в Центральной Азии.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***